# Ol çaga Putini ýatlatdy

Category: Kitapcy,Nukdaýnazar,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Ol çaga Putini ýatlatdy OL ÇAGA PUTINI ÝATLATDY




Adam – taryh hakydasyna eýe jandar.
Geçmişi kabul etme (восприятие) görnüşimiz şu güne we geljege nähili düşünjekdigimizi görkezýär.
Soňky günlerde Atatürküň ýagty ýadygärligine edilen hüjümler Putini ýadyma düşürdi! Şeýle:
Putin Sowet Soýuzynyň döwlet gimnini gaýtadan Russiýanyň döwlet gimnine öwürdi. Hem şeýle diýdi:
– *Eger sowet döwri bilen birlikde öňki döwürlere degişli hiç bir simwoly ulanmaly däldigini aýdýan bolsak, onda ata-babalarymyzyň ýaşap geçen ömrüniň peýdasyz we manysyz bolandygyny kabul etmeli bolarys. Muňa pikir-oýum bilenem, ýüregim bilen goşulmagym mümkin däl.*
Putin sowet döwri bilen birlikde taryhy mirasyň rus kimliginiň üstündäki roluna arka çykdy. Sowet häkimiýetiniň özem 30-njy ýyllardan başlap «milli bolşewizmi» ganatlarynyň astyna alypdy.
Hiç kim öz taryhyna biziň ýurtlarymyzda bolşy ýaly duşman däldir. Ýogsam bolmasa, Atatürksiz türk kimligi bolup bilermi?
Bir ýurdy ýok etmegiň birinji ädimi milli buýsanjy öldürmekdir!




* * *

Kimligiñ (identiçnost) gaýragoýulmasyz şerti taryhyñ dogry bilinmegudir. Tersine bolanda, taryh hakydasy az ýa-da hiç bolmadyk jemgyýeti islän ugruña sürübermek añsat bolýar…

Käbir gatlaklar soñky ýyllarda «türk» diýlende, «faşist» jogabyny bermegi öwrenşikli gylyga öwürdiler!

Jemgyýeti taryhyna duşmançylyk eder ýaly ýagdaýa getirip, öz ýurduna kesekileşdirildi. Maksatlary türki «tökleşdirmekdi. Başarmanam durmadylar! Köp kişi indi «men türk!» diýmäge utanyp duran boldy!

Kimligi ýok etmek jemgyýetçilik çagşamanyñ, çüýremäniñ sebäbidir.
Gynançly mysal beresim gelýär:
Türk goşuny derbi-dagyn edildi. FETÖ-nyñ wezipesi şudy – türk ruhuny biçmek…
Üns beriñ: ruslar, nemesler, hytaýlylar, türkler söweşjeñ halklardyr. (Dr. Hikmet Kywyljymlynyñ sözi bilen ýazsam, «harbyçyllygymyz»!).
Bu kimligini ýok etseñiz, jemgyýeti «süpük tirýekä» öwrersiñiz. Gep diñe Ýaragly Güýçleriñ guramaçylykly strukturasynda däl, jemgyýetiñ süññündäki «harby ruhuny» öldürmekdedir. Şuny aýtjak bolýaryn:
Syrgynyñ agasy (ýa-da hekemi diýiñ) iearhiýa düzgüni bilen syrgyny asuda saklardy. Ol «harbylygyñ» syrgyndaky wekilidi. («Möjekler mekany» («Kurtlar Vadisi») teleserialyndaky hekem (kabadayı) Duran Emminiñ obrazyny şol nukdaýnazardan döredipdik. Onuñ öldürilmegi degredasiýanyñ öñüni açdy!)




Gara güýje baýrynmak, edeniñi edip ýörmek barada aýdamok. Esasynda idealy, prinsipi – goç ýigitlik bolan enformel-kanunylaşdyrylmadyk düzgüniniñ gürrüñini edýärin.
Wagtyñ geçmegi bilen hekemleri-de bozdular.
Şeýdibem:
Syrgyndaky çagalaryñ neşekeş ýa-da aýal-gyzlaryñ jelep bolmagyna päsgel berjek namysjañ güýç galmady!
Häzir nowça çagalar ogurlanýar, aýal-gyzlar öldürilýär. Ýogsam bolmasa, düýnki tradision düzgünde aýal-ebtada, çagalara,

garry-gurta el degrilmeýärdi, çünki döwüşmäge gelen diñe garşydaşy bilen dikleşerdi…
Häzir syrgynlarda bu zatlara garşy göreşjek güýç ýok, «baş» ýok…
Okuw jaýlarymyzam şeýle. Harby gulluga taýýarlyk sapagynyñ düzgün-tertibe salýandygyny näçe kişi ýadyna salýar? «Militarizm ündelýär» diýip, nämeleri diýmediler.
Indi ne syrgynlarymyz, ne okuw jaýlarymyz adam ýetişdirip bilýäris. Taryhy derejämizi ýitirdik, kimliksiz goýuldyk!
17 ýaşly «ymam hatyply» ýigdekçäniñ Atatürke diýýän zady, edýän hereketi aslyýetinde jemgyýetçilik düzgüniniñ doly çüýränligini görkezýär…


* * *

Nazym Hikmetiñ ýazyşy ýaly, «dõrt nal bilen gelip Aziýadan Ortaýer deñzine gysragyñ boýny ýaly uzaýan» türk biz…

Biziñ genetikamyzda jemgyýetçilik-halk eýeçiligi bardy, ýok etdirdiler.

Taryh hakydamyzda milleti kemala getiren döwlet eýeçiligi bardy, ýok etdirdiler.

Sylag-sarpa bardy, manera bardy, tradision gymmatlyklar bardy.

Genetikamyzy üýtgetdiler, gormony kiçijik Amerika ýasadylar bizden.

«Harby diktatura» diýip, türk kimligi hazynasyny derbi-dagyn etdiler. Türk baýdagy bizde bir bölek mata däl, mukaddesdir.

Pelsepesiz ideologiýa pikirlenmegi, derñemegi, añ etmegi ýok etdi. Bizde «harby sosiologiýa» boýunça edilen ýeke iş ýok!

Medeniýetsizligimizi iñlis ýa-da fransuz ýaly bolmazlygymyza baglanyşdyrýanlar bu ýurda we taryhyna paýyş sögdürip, kimliksiz goýdy.

«Harbyçy» diýip Atatürke ençeme ýyllap kesek zyñyp gelenler indi «çüýrük miwelerini» ýygýar.

Soner ÝALÇYN.

«Sözcü» gazeti, 27.09.2023 ý. Publisisistika